# Ol çagany men öldürdim!

Category: Kitapcy,Oýlanmalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ol çagany men öldürdim! OL ÇAGANY MEN ÖLDÜRDIM!




*Soramak ýatdan çykypdyr, ýogsa-da, siziñ demokratiýañyzda suwuñ balyklary çykaryp zyñşy ýaly kenara zyñlan neresse çagajyklaryñ ölüsine näme diýilýär?*
Eý, çagajyk!
Seni ýyly ojagyñdan, öýüñden, ýurduñdan jyda düşüren kim?
Kim sürdi seni bedýan çölleriñ aññat-aññat depelerine, şäherleriñ arasyny bölen tikenekli simleriñ üstüne?
Kim taşlady seni uç-gyraksyz deñizleriñ hapa gujagyna?
Aýt hany, ene-atañ, doganlaryñ nirede, seniñ özüñ nirä düşdiñ?
Häzir sen baýramçylyk günlerinde nogul-nabat ýerine bombalary, ýaraglary ugradýan goñşy ýurduñ kenarýakasynda ýatyrsyñ.
Saña ýük awtoulaglaryna mas ýüklenen ölümler bagyşlaýan döwletiñ turist dälem bolsañ turistik zolagynda ýatyrsyñ.
Ýüzüp bilmeýän halyña, göýä ýüzüp gelen ýaly, göýä uklap ýatan ýaly ýatyrsyñ. Seretme sen özüñe seredip dökülýän gözýaşlara! Sen olaryñ gözünde kenara gelip urlan öli balyklarça-da gymmatyñ ýok!

* * *

Stambulyñ kenarýaka sebitlerinde «Ölideñiz» diýip ýer bar. Ol Bodrumyñ biraz añyrsynda, Fethiýede. Turistik bukletlerde suratlary köp çykardy. Mahabatlandyrylyp, köpräk turist

çekiljek bolnardy. Häzir ähli aýlaglar, bogazlar ölideñiz! Häzir ölüler deñiz jümle Ortaýer deñzi, Egeý deñzi! Ol şeýle bir deñiz welin, çarlaklar balyklary, žandarmeriýalar öli çagalary çöpleýär aýlaglarynda.
Habaryñ barmy Aziýa, Ýewropa! Siriýa äkitjek bolup çyr-çytyr bolan azatlygyñyz bireýýäm öldi! Çaga bedenleri bilen özüni urýar Bodrumyñ kenarlaryna, eý Amerika!
Ar damaryñyz entek çat açmadyk bolsa, serediñ, görseñizläñ, deñziñ iñ çuñ ýerine batan demokratiýañyza! Belki, görseñiz utanarsyñyz kenarlaryñyza uran ölüleriñ çişip giden jesetlerine. Belki, utanarsyñyz, görübem bir apbasyça gymmaty ýok demokratiýañyzyñ nygmatlaryna.
Soramak ýatdan çykypdyr, ýogsa-da, siziñ demokratiýañyzda suwuñ balyklary çykaryp zyñşy ýaly kenara zyñlan neresse çagajyklaryñ ölüsine näme diýilýär?
Serediñ-ä, azatlyk eçilmek islän adamlaryñyz häzir size tarap akyp barýar. Nämüçin ýygnak üstüne ýygnak geçirýär Ýewropa bileleşigiñiz? Tikenekli simleriñ, beton diwarlaryñ arasyna gabap goýan bu gaýgyñyz nämäniñ alamaty? Hökümetleriñiz her gün janhowluna demokratiýañyza tarap ylgaýan adamlary şindi süri-süri halda gettolara dykmak bilen başagaý. Ne beýle birdenkä howsala düşdi ýere-göge sygdyrmaýan siwilizasiýañyz? Nirede galdy Birleşen Milletler Guramasy, Helsinki şertnamasy, UNICEF bilen bezelen döwürdeşligiñi!?
Görýän welin, üznüksiz diýen ýaly dollar bilen dowam edýär siziñ ýarag söwdañyz. Şindizdm ölüm öndürýän zawodlaryñyz gije-gündiz durman işleýär.
Ýarag söwdañyz rekord üstüne rekord goýýar, has köp esse artyp dowam edýär eksportyñyz.
Serediñ, uruş hakdaky habarlary ýarag söwdagärleri nädip ellerini owkalap tomaşa edýär.
Horjunlary henizem dolmadymy nebit şereketleriñiziñ?
Ýene näçe kürtüñ kellesi kesilmeli siziñ pikiriñizçe?
Ýene näçe arap tike-tike bolmaly siziñ bombalaryñyzyñ aşagynda, ýene näçe kypty demir gözenekleriñ içinde diriligine ýakylmaly? Ýene näçe ezidi aýalyñ eti gul bazarlarynda alan-alda satylmaly?

- **Bir nebit guýusy näçe ölüm bererkä, eý Fransiýa?**

Soñ bilip galdyk, megerem tölegi bar eken siziñ Liwiýa äkiden azatlygyñyzyñ.
Kaddafiniñ kellesi üçin liwiýa nebitiniñ 35%-ne ymtylan demokratik we azat Fransiýa!
Şindi näçe wagtlap tire-taýpa uruşlary bolup dur liwiýa çöllerinde. Hudaýa şükür, Orta asyrlardanam añry, daş eýýamyna çenli yza kelemenläp barýar adamzat.
Bir nebit guýusy näçe ölüm bererkä, eý Fransiýa?
Öli çaganyñ bakyşlary näçeräk goşmaça hak gazandyrýar işgärleriñize?
Dollarlaryñyzyñ gyzgynlygyny peseldip bilýärmi düýpsüz deñizde köpçülikleýin ölüme iteren adamlaryñyz?
Demokratiýañyz niçiksi jomart eken, eý azat Amerika!
Heý siziñ piñiñizemi çalamydar gaýyklarda topbak-topbak bolup ölüme giden adamlar?
Goýuñ, iñ bolmanda arkaýyn dynjyny alsyn ölüler.
Nutuklaryñyzy bezemek üçin ýok ýere zaýalamañ gözýaşlaryñyzy metbugat ýygnanşyklarynda.
Gördüm welin, seteran hatara düzülipsiñiz habar beriş serişdelerinde. Agzyñyzdan geleni diýen bolýañyz bir wagtlar Siriýany bile basyp almak üçin gol tutuşan ýewropaly şärikdeşleriñize.
Bilemok, bildirişleriñiz sizi nähili halas ederkä?
Haýsy hudaý bagyşlarka günäleriñizi?
Kimiñ gözüni gaparka ýazgaransyraýan nutuklaryñyz?
Düýn dälmidi «Emewi» metjidinde namaz okama işdäñiziñ dem salymda dim-dik bolany!
Şol wagtlar köwüş gutularyna petde-petde dollar salyp goýmakdy siziñ oýlap tapyşlardaky iñ uly açyşyñyz!
Düşünýärin, siziñ hudaýyñyz şeýle hir jomart welin, banknotlaryñyzy sanap ýetişeñzokdyñyz. Pul sanaýan enjamlaryñyz holtumyñyzdaky pullary tükelläp bilenokdy. Heniz günäleriñizi sanaýan enjamlar hernäçe oýlanyp tapylmadygam bolsa, bireýýäm adamzadyñ wyždanynda syrat köprüsi gurulan bolmaly. Siz her ölen çagajyk ýaly ebedilik

tussag etmäge mynasyp!
Eý okap-ýazap bilýän adam, senem günäkär!
Ýylda 25 kitap okaýan aziýaly, ýylda 10 kitap okaýan ýewropaly. Okaýan kitaplaryňda ýazylanokmy bir ýurdy topbagy bilen ölüme iterýän syýasatyň ady?
Demirgazyk ýarymşarynda üşeýän garagyýaklar üçin ör turanlar nirde siz?
Ýoluny ýitiren kitler üçin maksatnamalar işläp düzen adamzat, senem günäkär!
Görýän welin, köçä zyňylan haýwanlar üçin janyňy bermäge taýýar. Gijäň ýary yzyny üzmän twitler atýarsyň arman-ýadaman. Köp göremok!
Gürrüňsiz, iň bolmanda adamça gymmaty bar köçä zyňlan her itiň. Iň bolmanda bir itçe gymmaty bolsun-a gözüňizde ölüme terk edilen çagajygyň.

- **Şu ýazgyny okap otyran okyjy, senem günäkär!**

Şu ýazgyny okap otyran gadyrdan okyjy, senem günäkär!
Bilýärin, sowap galan göwräni göreňde depe saçyň düýrükýändir, seniňem ýüregiň endireýändir.
Bilýärin, soralan her jogapsyz soragyň öňünde gabaklaryň sallanýar, başyňdan geçýän her pursatdan jogapkärçilik duýýansyň. Ýöne beýdeniň ýeterlik däl! Ýeterlik däl bularyň barsy. Jogapkärçilik duýşuň ýalam oňa ses çykaryp bilmeýäniň üçin günäkär sen!
Şu ýazgynyň eýesi, şu setirleri men ýazdym! Iň köpem men günäkär! Ýazyjy bolsamam, diňe şu hakda ýazmaýanym, ýazýanam bolsam ýazmakdan başga çärämiň ýokdugy üçin günäkär men!
Ýazmagyň her derde dowa bolmaýanyny bilýänem bolsam, ýene oturyp şindem ýazýanym üçin günäkär men!
Günäkär men, bala!
Seniň üçin jähennemgaladaky Amerikalardan, Germaniýalardan, Fransiýalardan getirilen bu zähere garşy durup bilmänim üçin.
Günäli men!
Ene topragynyň üstünde boý alan bu gözedürtme tümlükde meniňem alaçsyzlygym bar. TYR-lara mas ýüklenen ölüm ýollananda,

goňşymyň üstüne, zalymyň bokurdagyna ýapyşmanym üçin günäli men!
Nijeme ýyllap meniň şaýatlygymda dowam etdi bu gyrgynçylyk!
Meniň zawdoparymdan çykdy adamlaryň demini sogrup alan bu zäher.
Ölüm gara donuny geýip aýatlardyr dogalar bilen adamlaryň üstüne ýaganda elimden hiç zat gelmändigi üçin men günäkär!
Olary öz dogduk depesinden sürgün eden ýangynda meniňem jogapkärçiligim az däl. Meniň ýörän ýollarymdan geçdi çagalary tike-tike edip taşlan ýaraglar.
Meniň ýurdumyň hyzmatdaşlygy bilen guruldy adyna demokratiýa diýilýän bu duzak.
Ölümiň öňünde alaçsyz galyp, gahar-gazabymy diňe özümden we sözümden çykaryp bilýänim üçin günäkär men!
Çünki garry-gurtulary, aýal-ebtatlary, çaga-çugalary bedýan çöllerde başa-baş goýan zulum meniň hökmürowanymyň eseri.
Menden alynan salgytlardan üýşen pullaryň hasabyna öndürildi çagalary parça-parça eden bombalar. Meniň ýurdumyň başarjaňlygy guk ýanyndaky bu dowzah, bu ot-ýalyn, bu gan.

- **Meniň dymyşlygymda ulaldy bu hileli tümlük**

Ine, meň şu gözlerim bar-a, meniň şu gözlerim şaýat boldy kürsimde arkaýyn otyrkam öli balyklar mysaly deňziň ýakasynda adamlaryň çagalary çöpläp ýörşüni.
Ine, şoň üçinem çagalaryň ýaralaryny ýaralaryma gatyp, olaryň demine dem goşmanym üçin günäkär men!
Şindi soraýaryn, nämüçin bir çagajygyň näzik bedenine sanjylan yza-agyra kükregimi germedim?
Kim sokdy ýüregime zalyma garşy bu biperwaýlygy!
Nädip beýle rehim-şepagatsyzlyk bilen talandy şäherler? Nirden beleň aldy ýedi ýaşly çagajyklary öldüren ganhorlar? Men barkam, adamkam, heniz demim gidip-gelip durka, pikirlenip bilýärkäm dünýä nädip beýle ugruny ýitirdi? Nämüçin heniz sesimi çykarman oňdum şunça zalymlyga? Nämüçin köçä çykyp sesim ýetdiginden gygyrmadym! Nämüçin öňümden çykan ilkinji janly mahlugyň ýakasyndan ebşitläp tutmadym!

Häzir artyk sözüñ geregi ýok!
Men günäkär!
Seni çyrpynýan gan deñzinde ýeke goýan men-ä, çaga! Men durdum bu zalymlygyñ kenarynda elimden hiç zat gelmeýän ýaly şunça wagt.
Günäkär men!
Çünki meniñ dymyşlygymda ulaldy bu hileli tümlük. Belki, belli-beterem meniñ bialaçlygym öldürdi çagalary.
Ine, şoñ üçinem men günäkär!
Üstesine, derdiñi ýeñledip biljek hiç hili sebäp ýok!
Ol çagany men öldürdim!

Ýusuf NAZYM.

05.09.2015 ý. Oýlanmalar